# Stambulda durmuş

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Stambulda durmuş STAMBULDA DURMUŞ




Eýýäm otuz ýyl bäri Germaniýada ýaşaýardym. Şu ýylyñ mart aýynyñ başynda iki hepdeläp Stambulda bolup gitdim.
On bäş günüñ dowamynda emigrasiýada ýaşaýan adam ýaly köne dostlarymyñ hemmesi bilen görşüp çykdym, aksakallarymyzyñ gürrüñini diñledim, şäher sowetiniñ başlyklygyna kandidaturasyny goýan ýaşlarymyzy gutladym, meni gaýybana we kitaplarymyñ üsti bilen tanaýan ýaşlar bilen agzaçar zyýapatynda gep-söz alyşdym.
Maña täze ýokary okuw jaýyny gutaran ýaly maglumat berjegini umyt etdiren gaty gowy kitaplary satyn aldym.
Aý garaz, iki hepdelik dynç alyşym meniñ üçin diýseñ gowy we göwnüñi dokundyryjy geçdi. Emma Stambulda gözüme ilen görnüşler hem-ä gynandyrýardy, hem endişe berýärdi, hemem lapyñy keç edýärdi.
Görşüp-gürleşen adamlarym bilen birlikde uludan-kiçi hemmeler

agyr keselden ýaňy çykan ýaly ruhy depressiýanyň içindedi.
Hiç kimiň ýüzi gülenokdy, niräme seretsem çytyk gaşlar we howsalaly bakyşlar görýärdim.
Jemgyýetçilik ulaglarynda gören adamlarymyň bir bölegi telefonda tanyşlaryna müň dürli derdini aýdyp berýärdi, kimsi bahalaryň gymmatlamagyndan zeýrense, kimsi-de kireý tölegleriniň gymmatlygyndan dat edýärdi. Birnäçesi bolsa ýanyndakylara: «Saýlawlardan soň mundanam beter bor» diýýärdi.
Ykdysady kynçylyklara parallellikde Stambulda bilimden transporta, adamlaryň özara gatnaşyklaryndan edep-terbiýä, hormat-sylaga, hak-hukuga, adalata çenli gaty köp ugurda pese gaçyşlygyň bolandygyna şaýatlyk etdim.




Gojaman şäherde transportyň başyna alaýabylynyň güni düşüpdir. Metrobuslarda we metroda adamlar oturgyçda oturjak bolup biri-birlerini depgiläp geçäýjek bolýarlar, oturgyçlarda oturan «Z nesiliň» ýetginjekleri aýak üstünde durmaga ýaramaýan garrylara ýer bermejek bolup uklansyran bolýar. Edil şonuň ýaly käbir garry ýolagçylaryňam özlerine ýer beren adamlara «sag bol» diýmeýändigini gördüm.

Görşümden, jemgyýetçilik gymmatlyklarymyzdaky pese gaçyşlyk birtaraply däldi. Ykdysady weýrançylygyňam yzy her gözüňi aýlan ýeriňde gözüňe ilip durdy.
Meselem, Stambulda ýaşaýan Beýlikdüzü raýonymyzyň gaty köp ýerinde bazarlar we jygyllyklar ýapylypdy, ýoluň ugrunda elde satylýan gök önümlerem öňki ýaly ter we bol däldi. Peýda gazanyp bilmeýändigi üçin gaty köp bazarçy we zähmetkeş bazardan çekilip, başga işlere gönügipdi.
Meni geň galdyran zatlaryň birem, ençeme ýyllap liseýleriň birinde fizika sapagyndan okadan orta ýaşly aýalyň mugallymçulygy taşlap resminamasyz-zatsyz taksiçilik edip ýörmegidi.
«Ýoldaş mugallym, näme sebäpli mugallymçylygy taşladyňyz, Stambuluň içinde rulda bolmak aýal adama kyn düşenokmy?» diýip soranymda, ilki ajy ýylgyrdy, yzyndanam mugallymyň aýlygy bilen güzeranyny dolap bilmeýändigi üçin şu işe baş goşandygyny aýtdy.
Öňler «Seniň puluň bärde ýöremeýär» diýýän käbir eliaçyk dostlarym bu gezek barýan ýerlerimde meni garasöýmezlik bilen garşy alýardy we hasaplaşmaly ýerine gelende jübülerini sermeşdirip, güýmeň-saýmaňlyga salýardy. Menem «Puluny özüm tölärin, Germaniýadan gelenim belli bolsun» diýip degşensiräp, hamana öwünýän ýaly olary kyn ýagdaýa düşmekden halas edýärdim.
Öňki endigim bilen her baran ýerimde (bazarda söwda edenimde, minibuslara münenimde, dellekhanada saçymy bejerdip durkam we ş.m.) ilki bahalary soraýardym. Köp ýerde-de «Puluň bolmasa, hökmanam däl, sagbolsun aýtsaň bolýar» jogaby bilen garşylaşýardym.
Emma bu gezek hiç kimden beýle söz eşitmedim. Ykdysady kynçylyklar adamlaryň bilini iki büküp taşlapdyr welin, indi hiç kimse dilujundanam jomartlyk edenok. Gaýtam tersine, köp adam gerek-ýarak zatlary üçin daş-töwereginden dilegçilik etmäge çekinmeýär.
Bir tanşym dagy «Uýam kyn ýagdaýda, hüşür-zekat berjek bolsaň şoňa beräý» diýse, ýene biri «Ulanmaýan köne goş-golamlaryňyzy, geýmeýän köne eşikleriňizi zyňaýmaň, bize beriň» diýýär.
Öýde köne haly bardy, «beter könelişipdir ýuwanyňa degmeýär» diýip, zibil ýaşşiginiň ýanynda goýup gaýtdym, ýarym sagatdan soň çykyp seretsem, ýaňky haly eýýäm ýokdy.

Öñler zibil konteýnerleriniñ ýanyna taşlanan köne zatlar birnäçe günläp durardy, adam ýüzüne seretmezdi, indi bolsa tapdyrgysyz hindi atlazyny tapan ýaly gördüm-bildimem edenoklar.




Türkiýe hakykatdanam başyna gidenleriñ ýurduna öwrülipdir. Bir ýanda Päkistany we Bangladeşi ýatladýan sepilligiñ görnüşleri,

bir ýanda bolsa Günbataryñ gözüni gamaşdyrýan zamanabap görnüşler.
Iki hepdelik dynç alyşymyñ soñunda Germaniýa gaýdyp barmak üçin goja şäheriñ galmagalyny we güwwüldisini yzda galdyryp täze howa menziline gelenimde, hamana özümi jennete gelen ýaly duýdum. Üçünji derejeli ýurtlardan we Balkan ýurtlaryndan gelen ýolagçylar palma agajyny ýatladýan howa menziliniñ zallaryna haýran galyp äñedip durka, türkiýeli raýat hökmünde, hamana bu ajaýyp eserde meniñem paýym bar ýaly kalbymy buýsanç duýgusy eýeledi
Mýunhene aýak basanymda, arassa, tertip-düzgünli, göm-gök öwsüp duran howa menzili bilen garşylansamam, howa menzilindäki nemes gullukçylarynyñ ýüzündäki sowuk, duýgusyz, doñduryjy bakyşlar içimde aýylganç yzyma dolanyp gitme pikirini oýandyrdy.
Ähli galmagalyna we kemçiliklerine garamazdan, içimde pökgeren Stambul küýsegi kütek pyçak deýin ruhuma syhady.
Ýene bäş ýyl sabyr et, soñ bu sowuk we doñduryjy bakyşlary bir gezegem görmersiñ diýip, öz-özüme göwünlik berdim. Birdenem hyýalymda Stambul metjitleriniñ minalaryndan ýañlanýan azan sesleri, «Näme içesiñiz gelýär?», «Bir käse çaýymy içmän gitmäñ» diýýän dost-dogan ýaly mähirli adamlar, «Gyz» diñi, Bosfor köprüsi we onuñ guk ýanynda pasyrdap duran aý-ýyldyzly äpet baýdak janlandy. Hem içimi ýaş gyzyñ saçlaryny sypaýan täze şemal deýin süýji huzur gaplap aldy.
Garaş, gözel Stambul, bir gün hökman gaýdyp gelerin.
Esedulla OGUZ,
Germaniýaly türkmen žurnalisti.

Şişenbe, 26.03.2024 ý. Publisistika